# Umumytürk elipbiýi nämäni añladýar?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Umumytürk elipbiýi nämäni añladýar? UMUMYTÜRK ELIPBIÝI NÄMÄNI AÑLADÝAR?




Türk dünýäsi Umumyelipbiý komissiýasynyñ geçen hepde Bakuwda geçirilen ýygnanyşygynda türki respublikalaryñ umumy elipbiýa geçmeginiñ üstünde ylalaşyga gelindi.
Ylalaşyk Türkiýede türk dünýäsi bilen gyzyklanýan gatlaklary we taraplary heýjana getirenem bolsa, men bu boýunça onçakly uly umytda däl we munuñ gury simwoliki manydan başga zat añlatmaýandygyny bilýärin.
Näme üçin umytsyzdygymy düşündirmäge synanyşaýyn:
Aradan otuz ýyldan gowrak wagt geçendigine garamazdan, Türkiýe bilen türki respublikalaryñ arazynda sözüñ doly manysynda gujaklaşmagy üçin göze iler ýaly, barmak bilen dürtüp görkezer

ýaly ädilen ädim ýok.
Elbetde, soňky otuz ýylda şu maksat bilen ownukly-irili ýüzlerçe kružogyň, fondyň, mekdebiň, ýokary okuw jaýynyň geňeşiň gurlandygyny bilýärin. Emma bularyň howaýy medeni çärelerden we protokol çykyşlaryndan başga hiç zada ýaramandygyny-da bilýäris.
Geň bolşy ýaly gynandyrýan ýeri-de, aradan geçen şunça wagta garamazdan, türk halky-da, türk ygtyýarlylary-da Orta Aziýadaky türki respublikalary ýeterlik derejede tanamaýar.
Sebit boýunça şindizem bölek-büçek gulakdan eşitme maglumatlar bilen ýol almaga synanyşylýar.
Anyk mysallara ýüzleneliň:
Ençeme ýyl bäri umumytürk dünýäsine niýetläp işleýän «TRT-AVAZ» teleýaýlymynyň Ankaradaky ýolbaşçylary umumytürk dünýäsini düýbünden tanamaýar. Sebäp olar gazak bilen gyrgyzyň, özbek bilen türkmeniň tapawudyny bilenok.
Şonuň üçinem öňler kanalyň gazak dilinde berilýän gepleşikleriniň aşagyna «gyrgyzça», özbek dilinde berilýän gepleşikleriniň aşagyna-da «türkmençe» diýip ýazylardy.
Muny türk tomaşaçylary bilmeýändigi we nägilelik bildirmeýändigi üçin hiç hili mesele bolmazdy. Gepleşikleriň esasy tomaşaçy gatlagy bolan türküstanlylar bolsa muňa hezil edip gülýärdiler.
«TRT-AVAZ» teleýaýlymynyň ýolbaşçylarynyň bar bilýän zady ondan-mundan eşiden birküç sany türkmen ýa gazak sözleridi. Bulary-da olar şol dili bilýändiklerini görkezjek bolup, ýeri bolsa-da, bolmasa-da ulanýardylar.
«TRT» döwlet teleýaýlymynyň umumytürk dünýäsine niýetläp goýberýän kanalyna «TRT-AVAZ» adynyň dakylmagynyň özi sebit boýunça hiç zat bilmeýändikleriniň iň bärkije mysaly.
Pars dilinde «ses» (owaz) manysyny berýän **AVAZ** diňe Täjigistanda we kem-käsleýin Özbegistanda ulanylýan söz.
Türkmenistanda, Gazagystanda, Gyrgyzystanda owaz sözi gündelik durmuşda ulanylmaýar, diňe käbir şygyrlarda we çeper eserlerde ulanylýar.
Şeýle seýrek ulanylýan we az bilinýän sözüň telekanala at hökmünde saýlanyp alynmagy-da Ankaradaky ketdeleriň sebit boýunça bilýän zatlarynyň juda telperdigine yşarat edýär.
Birnäçe ýyllap TRT-de gepleşik alyp baran meşhur aýdymçy, merhum Baryş Manço Türkmenistana baranda bir çagajykdan «Dişlerini fyrçalyýor musun?» («Dişleriňi arassalaýarsyňmy?»)

diýip sorapdy.
Çagajyk «Hawa, arassalaýaryn» diýende, Manço «Ara syra olmaz, her zaman fyrçalayajaksyn» diýip, maslahat beripdi.
«Arassalamak» – türkmen dilinde «fyrçalamak» manysyny berýär. Emma Manço türkmen sözüne türkçe many berip, ýalñyş düşünipdi.
Baryş Mançodan bäri ençeme ýyllar geçendigine garamazdan, türkiýelileriñ Orta Aziýa boýunça bilýän zady ýok diýen ýaly. Hem hiç bir türk ýöriteläp Orta Aziýadaky türki dilleri öwrenjek bolanok.
Şonuñ üçinem türküstanly ýazyjy-şahyrlaryñ, bagşylaryñ, ozanlaryñ, akyldarlaryñ atlaryny göýä bir ýewropaly ýaly ýalñyş ýazýarlar.
Arada gabat geldim, TRT-niñ spikeri türkmenleriñ meşhur klassyky şahyry Magtymguly Pyragydan söz açanda «Maktumkuli Fyraki» diýýärdi.
Ankarada özüniñ türkmen dili boýunça spesialistdigini aýdýan türk alymy-da türkmen şahyrynyñ ömür-döredijiliginden söz açýan kitap ýazypdyr, adyna-da «Maktumkuli Fyraki» diýip at goýupdyr.
Elbetde, bu adyñ türkmenler üçin diýseñ ynjalykdan gaçyryjy we gulagyñy dyrtmalaýjy heñde ýañlanýandygyny aýtmak gerek.
Haýsydyr bir daşary ýurtly Ýunus Emräniñ adyny «Ýannis Amri» diýip tutsa, türkler muña nähili garardylar?
Häzir Türkiýede türkmen, özbek, gazak, gyrgyz dillerinde suwara gürläp bilýän türkleriñ sany barmak büküp sanasañ, bäşden ýa ondan geçmez.
Ýogsam bolmasa, şojagaz sanaýmaly adamlaryñ arasynda-da, birnäçe ýyl Orta Aziýada bolup, şol ýeriñ dillerini öwrenen türk alymlary bar. Muña garamazdan şolaryñam şol dillerde ýazyp biljek derejede sowady ýok.
Muña garamazdan, Günbatarlylar Orta Aziýany öwrenmek üçin tagalla barsyny edýär.
2018-nji ýylda Almatyda Al-Faraby adyndaky uniwersitetde gabatlaşan amerikan talyplary haýrana galdyrjak derejede suwara gazak dilinde gürleýärdiler.
Hatda garaýagyz amerikan talyp gyzy gazak dilinde şeýle bir gowy gürleýärdi welin, ýerli gazak teleýaýlymlarynyñ biri ony alypbaryjy edip işe alypdy.
Beýleki bir tandan Orta Aziýalylar Türkiýäni we türk medeniýetini türkleriñ olary tanaýşyndan has gowy we has içgin tanaýar. Munda şol ýurtlarda görülýän türk teleseriallarynyñ,

Türkiýede okaýan ýa-da işleýän Orta Aziýalylaryň paýy uly.
Hakykat şu: Orta Aziýalylar uzakdan gowy görüp, ysnyşan Türkiýesini ýakyndan tananda, uly göwnüçökgünlige uçraýarlar.
Türkiýedäki ýokary okuw jaýlarynda okaýan köp sanly Orta Aziýaly talyp diskriminasiýa we kemsitmelere duçar bolýar.
Türkiýede syrkawlara serediji, öý bikesi, eneke, hyzmatkär bolup işleýän türkmenistanly we özbegistanly aýal-gyzlar ýygy-ýygydan fiziki zorluklara we sözli kemsitmelere sezewar bolýar.
Olara ikinji derejeli adam ýaly çemeleşilýär. Şonuň üçinem köp Orta Aziýaly Türkiýeden göwni sowan halda uly lapykeçlik bilen yzyna gaýdýar.
Şu günler türk ygtyýarlylarynyň alyp barýan migrantlary yzyna ugratma çäreleriniň çäginde Türkiýede ýaşaýan müňlerçe türkmen, özbek, gazak, gyrgyz doganlarymyz ele salnyp, yzyna ugratma merkezlerine üýşürilýär, ol ýerdenem ýurtlaryna ugradylýar.
Iň agyr ýagdaýdakylaram owgan türkleri.
Meselem, Wan, Hakkari ýaly serhetýaka şäherlerinde ele salynan owganystanly türkmendir özbek bosgunlary türk žandarmasy tarapyndan Eýrana kowulýar.
Eýranyň serhedinde kaňkap ýören kürt bandalary bolsa bosgunlary ele salyp, girewine alýar we 4-5 müň dollar tölemeseň goýbermeýär.
Berilen möhletde pul gelmese, adam ogurlaýan hülgentler ellerindäki zamuna alynan bosgunlaryň gulak-burnuny kesýär, hatda öldürýär.
Bosgunlar näalaç ýagdaýda aglap-eňräp maşgalalaryna wideojaň edýärler we ýakynlaryndan pul ugradylmagyny soraýarlar.
Gynansak-da, Türkiýe göçegçileriň arasynda keseki ýa-da kowumdaş aýyl-saýylyny edenok. Hemmesine bir göz bilen seredýär.
Diňe tanşy-bilşi bolan gelmişekler eýdip-beýdip wagtlaýyn ýaşamaga rugsatnama alyp, Türkiýede galyp bilýär. Galanlary bolsa deport edilýär. Ýogsam bolmasa, her ýurt öz halky bilen ganybir halka, kowumdaşyna aýratyn hak-hukuk, status berýär. Meselem, Ysraýyl dünýädäki ähli jöhitlere eýe çykýar. Germaniýa hem Ikinji jahan urşundan soň ýurduň daşynda galan ähli nemeslere aradan geçen 60-70 ýyla garamazdan ähli hak-hukuklary berýär. Meselem, Russiýada ýa-da Gazagystanda dört-bäş arka öň nemes bolan maşgala Germaniýa gelende ganybir

babadaşdygy üçin şobada raýatlyk alyp bilýär. Türkiýede bolsa otuz ýyl bäri türk dünýäsi bilen birleşme şygarlarynyň dilden düşmän gelendigine garamazdan, ganybirlik we kowumdaşlyk düşünjesi praktikada hiç zady añlatmaýar.

Şeýle ýagdaýda bagra basmak isleýän adamlarymyzyň göwnüni döwüp, olar bilen birleşip bolarmyka?

Ganybir gardaşlarymyzyň göwnüni awlap bilmejek bolsak, bir topar alymsumagyň bir ýere jemlenip kabul eden kararynyň näme manysy bolup biler?

Türkiýe umumytürk dünýäsi bilen hakykatdanam birleşesi we gujaklaşasy gelýän bolsa, muňa ähli türki respublikalaryň raýatlaryna Türkiýede erkin gezme we işleme hukugyny bermeli. Edil Ýewropa bileleşigininiň ähli ýewropaly agzalaryna edişi ýaly. Yzyndan Eýran, Owganystan, Yrak, Siriýa ýaly ýurtlarda etniki azlyk ýagdaýynda ýaşaýan asly türki babadaşlarymyza Türkiýede aýratyn status berilmeli. Başgaça aýdanda, asly türki milletden bolan islendik kişi aý-ýyldyzly baýdagyň pasyrdaýan ýurdunda özüni howpsuz we öýünde ýaly duýmaly.

Diňe şeýdilende birleşmek üçin aýgytly ädimleri ädip bileris. Ýogsam bolmasa, bu zatlaryň sözüni edip oturmagyň özi biderek.

Esedulla OGUZ,

Germaniýada ýaşaýan türkmen žurnalisti.

Sişenbe, 17.09.2024 ý. Publisistika